# Jynly hekaýalardan depe saçyňy düýrükdirýän dokuz sitata

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jynly hekaýalardan depe saçyňy düýrükdirýän dokuz sitata JYNLY HEKAÝALARDAN DEPE SAÇYŇY DÜÝRÜKDIRÝÄN DOKUZ SITATA



*Bu gije sizi üstüňize örten odeýalyňyzam gorap bilmese gerek.*
Jaýyň kömürhanasy mysaly gorka salýan sanawymyzyň temasy ýene-de jynlar. Internetde giňden ýaýran «jynly hekaýalaryň» iň gyzykly ýerlerinden sitatalar aldyk. Elbetde, bu hekaýalaryň içinde näderejesiniň bolan wakadygy, näçerägininem çeper fantaziýadygy jedelli.
Ýöne iniňi düýrükdirýändigine welin, şek-şübhe ýok.

**Mawy gözleri bilen maňa seredende, ony başy aşak, aýaklary-da ýokaryk bolan halda gördüm…** Emma ýüzi görnenok we diňe maňa

seredip durandygyny görüp bilýärdim.

**Dem alşyny gulagymyñ düýbünde ýaly duýýardym, yzyma gañrylyp seredibem bilemokdym, gygyrybam bilemok, özümi bilmän ýatyrdym…** Özüme gelemde aýalymy öldürjek bolup duranymy gördüm, arkamda bolsa üç barmakly el yzy bardy.

**Diliñi dişleseñ, bilginiñ, biziñ dişlän zadymyzy iýensiñ**. Biziñ dişlän ryzkymyzdan iýen adamyñ dili takatsyz galyp gurar, dişleriniñ öñüne gelip gysylar.

**Ol ýoluñ ugry bilen gidip barýarka, öñünde eşigi älemgoşaryñ reñkinde, uzyn gara saçly, aýakýalañaç gyz duran eken…** Gyz gözüni oña dikip, «diliñdäkini aýdaýma» diýipdir. Ol geñ galyp gyzy diñläpdir. Gyz ony jynlaryñ meýlisine äkidipdir. Adamyñ dilindäki «bissimilla» eken.

**Doganym çaltlyk bilen düşegine geçdi we ýorganyny başyna çekdi. Edil şol wagtam ol sandyr-sandyr edip, «ýorganyñ içinde biri bar!» diýip gygyrdy.** Men näme etmelidigini kellämde aýlap durkam, birden ejem içerik girdi. Bir zatlar aýtjak boldy, emma dili aýlanmady. Soñ ol şonda gara plaşly adamyñ kakamy bogup durandygyna gözi düşendugini aýtdy. Kakam muña ynanmasa-sa, doganym bilen ejem birmeñzeş zady görendiklerini aýdypdy.

**Gijeleýin bir ýerlerden gelýän deprekdir tüýdügiñ sesi eşdilýärdi, ýöne onuñ nireden eşdilýändigini bilip bolanokdy…** Ýoldaşym “geldiler, geldiler!” diýip gygyryp oýanýardy. Ol düýşünde adama meñzeş, ýöne aýaklary geçiniñ aýagy ýaly adamlaryñ ony turuzýandygyny aýdýardy. Ol indi uklabam bilenokdy. Haçan gözüni ýumsa, şol adamlar ony golundan tutup garañky öleñlige tarap çekýärdiler.

**Öz-özünden egin-eşiklerimiz ýanýar, hemme zat edip gördük, ýöne munuñ bir alajyny tapyp bilmedik.** Adamlar indi bizden gorkýar, öýlerine salaslary gelenok.

**Gyzym erkegiñ sesinde gürläp başlady, onuñ içinde başga barlyklar gezmeleýärdi, seredişinden hemmeler gorkýar**.

Öýümiziñ golaýyndaky injir agajy muña sebäp boldy.

**Men ganhor däl diýdim, «sen jyn ganhory, ýedi arkaña bela bolup geleris, ýedi arkañdan ar alandan soñ seni öz günüñe goýarys» diýdiler.** Şemler birden ot aldy welin, gorkyma barsyny agdaryp çykypdyryn. Öýüm ýandy, ot üstüne benzin sepelenýän ýaly lowlap ýanýardy. Otaga girdim, hemme ýer hüýt-garady. Aslynda otaga girenimdd, ýene maña oýun oýnarlar öýtdüm. Indu olardan öñküsi ýaly gorkamok, çünki okuwyny bulaşdyrdylar, maşgalamy dargatdylar. Mundan beter näme edip bilerdiler. Hemme zat kül bolupdy. Aýagymyñ aşagynda bir zat bardygyny duýdum, aýagymy galdyryp seredenumde, kolýem ýerde ýatan eken. Emma gap-gara bolupdy. Gözüm kitaplarymy gözleýärdi, ýöne bu ýangyndan olary abat alyo çykmak mümkin däldi. Kolýemiñ gapafyny açdym, suratym şindizem durdy, ýöne şol pursata çenli başdan geçirenlerimiñ iñ gorkunjy, belki-de, suratymyñ mañlaýynda ýazgy bardy. Bu gezekki bolýan zat düýş däldi, hemme zat hakykatdanam gözümiñ alnynda bolup durdy. Hamana düýş bilen hakykaty bulaşdyrýan ýalydym. Ýazgy kül bilen ýazylypdy, kolýemiñ agzy ýapykdy, surat ykjam ýerde durdy. Diýmek, bu ýazgyny ol ýere kim ýazdy, nädip ýazdy, näme sebäpli ýazdy? Indi men beýle soraglary beremok, sebäp şolañ ýazandygyny bilip duryn…

Internet maglumatlary esasynda toplandy. Sözler